# Meşhur ýazyjylaryň durmuşyndan: Oskar Waýld

Category: Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 23 января, 2025
Meşhur ýazyjylaryň durmuşyndan: Oskar Waýld **OSKAR WAÝLD**
(18.10.1854-30.11.1900)

«Zenan dünýäsi» («The Woman's World») žurnalyna redaktorlyk eden iki ýylyndan başga galan ömründe belli bir işiň başyny tutmadyk Oskar Waýld «Adamyň maksady medeniýetli bikärlikden başga zat däl» diýýän eken. Waýldyň ekssentrligi maşgalasyndan geçen zat. Ol göz-gulak hirurgy bilen irlandiýaly şahyra zenanyň maşgalasynda dünýä indi. Ýöne näsaglardan biri onuň kakasyny anesteziýada ýatyrka namysyna degmekde degmekde aýyplap suda beripdir. Sud hirurgyň garşysyna iş gozgaýar. Bu bolsa ýaşajyk Oskaryň sud zallary bilen ilteşikli gelejegine ýaramaz tagma basdy.
Waýld mekdepde okaýarka sportuň oglanlara degişli görnüşlerini ýerine ýetirmekden gaça durupdyr. Munuň tersine ol içki bezegler bilen gyzyklanyp, mekdebiň ýatakhanasynyň içini tawus guşunyň perlerinden, iň halaýan güli bolan liliýa güllerinden, gök farforlardan doldurypdyr. Oskaryň geňsi gylyklary sebäpli, synpdaşlary onuň otagyny döwýärler, ony zor bilen Çerwel derýasyna zyňýarlar.
Oskar Waýld 1884-nji ýylda Konstants Lloýd bilen nikalaşýar, toýdan öň köp wagtyny gelinliginiň eşiklerini bezemäge sarp edipdir. Emma 1890-njy ýyllara gelinende, şan-şöhratyny mazaly perçinlän pýesalaryny ýazmaga başlan Waýld mundan beýläk döwrüň ülňülerine gabat gelýän jynsy formasyny saklap bilmedi.
Oskar Waýldyň ejesi Jeýn Waýld üýtgeşik bezelen penjekleri geýinmekden lezzet alýan ekssentr häsiýetli şahyr aýal bolupdyr. Ol her penjeginiň döşüne jöwherli, tüýli täç dakypdyr. Jeýn Waýld gyz perzendi bolmandygy üçin kiçijik Oskara gyzlara geýdirilýän etegi seçekli wiktoriýan köýnekleri geýdiripdir.

Oskar Waýldyñ daşky keşbi boýunça iñ ynjalykdan gaçyryjy aýratynlyklarynyñ biri-de, ony betgelşik görkezýän garalan dişleri bolupdyr. Bu boluş oña ýetginjeklik ýyllarynda ýolugan merezýel (sifilis) keselinden saplanmak üçin edilen simap bejergisinden geçipdir. Şonuñ üçin Waýld özara gürrüñdeşliklerde hemişe elini agzynyñ üstüne goýup gürläpdir. Ýazyjynyñ garramajak bolup tebigatdan daşary ýollara ýüz tutýan gülkünç meýlishonlaryñ başdan geçirmelerini gürrüñ berýän «Dorian Greýiñ portreti» romany ýarym awtobiografiki häsiýetli eserdir. Waýld ak giren saçlaryny görkezmejek bolup, hakykardanam bolmajak ýollara ýüz urýar. Hatda ol saçyny boýanda ulanýan boýaglary sebäpli, gollary, ýüzi, döşi we arkasy ömrüniñ soñky on ýylyny hart-hart gaşanyp geçirmegine sebäp bolan gijilewük keseline ýolugypdyr.

Robert ŞNAKENBERG.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly